Zilhijje aýynyñ ilki on gününiñ ähmiýeti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Allah Tagalaň bize beren nygmatlaryndan biri hem Allah Tagala biz üçin käbir aýlary, käbir gijeleri, käbir günleri başga günlerden üstün etmegidir. We şol günlerde eden amallarymyza esse-esse sogap bermegidir. Şol faziletli, ähmiýetli we sogaplaryň esse-esse köpelýän günlerinden, biri Hijri aýlaryň 12-njisi bolan, Zilhijje aýynyň başyndaky 10 günüdir.

Allah Tagala Kuran-Kerimde Zilhijje aýynyň ilki 10 gijesine kasam edip şeýle diýýär:

وَالْفَجْرِ. وَلَيَالٍ عَشْرٍ

"**Fejre-daňa kasam bolsun! We on gijä kasam bolsun!"**

(Kuran-Kerim, Fejr süresi 89/1-2)

Allah Tagalaň: **We on gijä kasam bolsun!**diýen, aýatynyň tefsirinde, Ibn Kesir şeýle diýýär:**"(Bu kasam edilen on gijeden maksat), Ibn Abbas, Ibn Zubeýr, Mujahit we başgalarynyň aýdyşy ýaly Zilhijje aýynyň ilki on günüdir."**(Tefsıru Ibn Kesir)

Allah Tagalaň bir zada kasam etmegi şol zadyň, Allah Tagalaň gatynda gadyr-gymmatlydygyny aňladýandyr.

Zilhijje aýynyň ilki 10 gününiň ähmiýeti barada hadyslar.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

مَا مِنْ أَيَّامٍ الْعَمَلُ الصَّالِحُ فِيهِنَّ أَحَبُّ إِلَى اللَّهِ مِنْ هَذِهِ الأَيَّامِ الْعَشْرِ ، فَقَالُوا : يَا رَسُولَ اللَّهِ وَلا الْجِهَادُ فِي سَبِيلِ اللَّهِ ؟ فَقَالَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ : وَلا الْجِهَادُ فِي سَبِيلِ اللَّهِ إلا رَجُلٌ خَرَجَ بِنَفْسِهِ وَمَالِهِ فَلَمْ يَرْجِعْ مِنْ ذَلِكَ بِشَيْءٍ

"**Içinde salyh amal edilen günlerden, Allah Tagalaň iň gowy görýän günleri, Zilhijje aýynyň ilki on günüdir. Sahabalar: Ýa Resulullah (Zilhijjäniň on gününde ediljek salyh amallar) Allah Tagala üçin jihatdanam has söýgülimi? diýip, soradylar. Pygamberimiz : Diňe bir kişi maly, jany bilen jihada çykyp (şehit) bolaýmasa, (bu günlerde edilen) salyh amallar Jihatdanam sogaplydyr, diýdi."**

(Tirmizi, Ebu Dawud)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

مَا مِنْ أَيَّامٍ أَعْظَمُ عِنْدَ اللَّهِ وَلاَ أَحَبُّ إِلَيْهِ الْعَمَلُ فِيهِنَّ مِنْ هَذِهِ الأَيَّامِ الْعَشْرِ، فَأَكْثِرُوا فِيهِنَّ مِنْ التَّهْلِيلِ وَالتَّكْبِيرِ وَالتَّحْمِيدِ

"**Allah Tagalaň gatynda Zilhijje aýynyň ilki on gününde edilen salyh amallardan, has gadyr-gymmatlysy ýokdur. Bu günlerde köpräk tehlil, tekbir, tehmid aýdyň!"** (Ahmed, Müsned)

Hadysda geçen sözleriň manysy: Tehlil diýmek, Lä ilähe illallah diýmekdir. Manysy: Allahdan başga hak iläh ýok diýmekdir. Tekbir diýmek, Allahu ekber diýmekdir. Manysy: Allah iň beýikdir, diýmekdir. Tehmid diýmek, Elhamdulillah diýmekdir. Manysy: Allaha hamdu-sena bolsun, diýmekdir.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

أَفْضَلُ أَيَّامِ الدُّنْيَا الْعَشْرُ– يَعْنِي: عَشْرَ ذِي الْحِجَّةِ

"**Dünýä günleriniň iň faziletlisi (sogaplysy), Zilhijje aýynyň ilki on günüdir."** (Bezzar, Ibn Hibban)

Musulman kişi bu on günleriň gije-gündüzinde köpräk salyh amal etmelidir we özi üçin bu günleri pursat bilmelidir.

Bu günlerde edilmeli amallardan käbirleri:

1- Eden günälerimiz üçin toba etmelidir. 2- Tehlil, tehmid, tekbir aýdyp, köpräk zikir etmelidir. 3- Köpräk Kuran-Kerim okamalydyr.

4-Farz namazlary wagtynda kylmaly we köpräk nefil namaz kylmalydyr, hususanam tehejjud namazy kylmalydyr. 5- Mätäçlere sadaka bermelidir.

6-Agyz beklemelidir. Hususanam Arafa güni ýagny Zilhijje aýynyň 9-nji güni agyz beklemelidir.

Çünki Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýdi:

صِيَامُ يَوْمِ عَرَفَةَ أَحْتَسِبُ عَلَى اللهِ أَنْ يُكَفِّرَ السَّنَةَ الَّتِي قَبْلَهُ وَالسَّنَةَ الَّتِي بَعْدَهُ

"**Arafa güni tutulan orazaň, geçen we geljek ýylyň (günälerine) kefarat bolmagyny, Allahdan umyt edýärin."** (Muslim)

Emma Arafa güni agyz beklemek Hajda bolmaýanlar üçin sünnetdir. Hajda bolanlar üçin Arafa güni agyz beklemek sünnet däldir. Çünki Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Hajda wagty, Arafa güni agyz beklän däldir.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.